# Öz howpsuzlygyny «Wagnere» ynanan ýurduñ ýagdaýy niçik borka?

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Öz howpsuzlygyny "Wagnere" ynanan ýurduñ ýagdaýy niçik borka?
ÖZ HOWPSUZLYGYNY «WAGNERE» YNANAN ÝURDUÑ ÝAGDAÝY NIÇIK BORKA?




*Yslamçy jeňbazlar we ýurtbölüjiler bilen göreş alyp barýan Mali döwleti «Wagneriň» hakynatutma esgerlerine sygynypdy. Emma indi «Wagner» ýygynçagynyň baştutanynyň ölendigi güman edilýär, BMG-niň parahatçylyk güýçleri ýurdy terk edýärler we Mali bir krizis bilen ýüzbe-ýüz bolup dur. BBC-niň wekili Feras Kilani garjaşyklygyň içinde galan adamlar bilen görümek üçin ýurduň demirgazygyndaky howp-hatarly çöllük etraba gitdi, ol geçen ýyl bu ýere baran ýeke-täk halkara zurnalisti bolupdy.*

Çadyrymyzy gurup, ot ýakyp, nahar ataryp, açyk asmanyň astynda ýatmak üçin ýorganlarymyzy ýaňy ýere serenimizde giç agşam çagydy. Birdenkä petiş çöl gijesiniň ümsümligini motosikliň gürrüldisi bozdy.

Biziň daş-töweregimizde şyrkyldylar ýaňlanyp gitdi: goşumyzdaky ýaragly adamlar tüpeňleriniň we awtomatlarynyň gulagyny gaýtarýardylar. Biz bir topar taureg

ýurtbölüjileriniň ýanyndadyk, olar motosiklli adama “Öz ýoluňa git!” diýýärdiler.
Motosikl gözden ýitip-ýitmänkä goşuň eýeleri biziňim gitmelidigimizi aýtdylar. Häziriň özünde. Ýaňky adam Al-Kaida degişli ýerli toparyň aňtawçysy ekeni, şoňa görä-de indi biziň bu ýerde galmagymyz örän howpludy.
Ätiýaçlylygy saklap, jemagatdan parhlanmazlyk üçin biz jinsi eşiklerimizi ýerlileriň geýýän donlary we tuareg başörtgüleri bilen çalşypdyk, emma ýaňky giden aňtawçy goşda daşary ýurtlynyň bardygyny aňan bolsa, onuň jeňbazlar bilen dolanyp gelmeginiň we bizi alyp gaçmaklarynyň gorkusy bardy.
Mümkingadar çaltlyk bilen goşumyzy ýygnadyk we yzymyza kowgy düşürtmezlik üçin ulaglaryň yşygyny we el çyralarymyzy ýakman, gözedürtme tümlige tarap ýola çykdyk.
Demirgazyk Maliniň bir bölegi hökümetiň ygtyýarlygynyň daşynda bolup, tuareg ýurtbölüjileri we Al-Kaida degişli aşa yslamçy toparlar tarapyndan dolandyrylýar; olaryň ýoly bir bolmasa-da, biri-birlerini bimaza etmezlik barada bir ylalaşygaa gelipdirler. Biziň şol gijedäki başagaýlygymyz kada-kanunsyzlygyň we garjaşyklygyň girdabyna barha çümüp barýan ülkäniň ýagdaýyny aýdyň görkezýärdi.
Hökümet howpsuzlyk babatda Russiýanyň Wagner toparyna bil baglap, halkara parahatçylygy goraýjy güýçlerinden ýüzüni öwürdi. Emma indi hakynatutmalaryň betnamlykda ady belli baştutany Ýewgeniý Prigožiniň uçar heläkçiliginde ýogalandygyny belli bolýar, bu ýerdäki amalyýatlar bilen baglanyşykly soraglar we Maliniň başyna düşüp biljek mundan howply ýagdaýlar barada gorkular öňümizde keserýär.




## • YŞYD-den gaçyş

Has gündogarda bolsa «Yslam döwleti» topary ornaşypdyr we ol öz ygtyýaryndaky ýerleriň çägini giňeltmäge çalyşýar. Biz YŞYD (Yrak-Şam yslam döwleti) urşujylarynyň zorlugyna duçar bolan raýatlar bilen görüşmek isleýärdik. Şunlukda çölüň içinde 1000 km-den (650 mil) gowrak ýol söküp, Maliniň gündogaryndaky Kidal şäherine ýetdik. Baranymyzda öýlerinden gaçan müňlerçe bosgunyň ýurt tutunan mesgenini gördük.

Birnäçe şahanyň üstüne atylan bolgusyzja bir örtgiden çadyr tutunyp, içinde oturan Fatime “Bizi bärik gelmäge mejbur eden «Yslam döwleti” diýip, bize gürrüň berýärdi. Altmyş ýaşlaryndaky zenanyň öýi indiden beýläk şu ýer bolmaly. Ýanynda gyzy bilen iki agtygy.

Adamsy we körekeni ýaşaýan obalaryna YŞYD hüjüm edende öldürildiler.

“Adamlarymyzyň ählisini öldürdiler, hemme azyklarymyzy we mallarymyzy ýakdylar” diýip, Fatime sözüniň üstüni ýetirdi. Gallanyň, goýun we düýe mallarynyň nähili ýok edilip, hiç zatsyz galandyklary hakynda beýlekilerem şolar ýaly gürrüňleri berdiler. Iň körpeje çagalaryň köpüsiniň ne egin-eşigi, ne-de aýakgaby bardy.

Fatime we maşgalanyň beýleki diri galanlary Maliniň gündogaryndaky Menaka welaýatynda ýerleşen köne öýlerinden

Kidala aşmak üçin ýüzlerçe kilometri ýöräp geçipdirler.
Çölde menzil aşmagyň kynçylygy öz başymyzdan geçensoň muny gowy bilýärdik. Bärde asfalt ýol ýok, diňe öň geçen awtoulaglaryň çägede galdyryp giden büdür-südür yzlary bar. Nirä seretseň gözýetime çenli uzap gidýän çägelik, diňe onda-munda seýrek daragtlar we gyrymsy agaçlar dürtelip otyr.
Kidalda-da adamlar üçin bol zat ýok, emma bu ýerde iň bolmanda özmez-ödi janyňy saklap bolýar. Fatime "Bu ýerde suw we saýa tapynamyzsoň bärde galyberdik" diýýärdi. Bosgunlaryň mesgenindäki adamlara ýerli HDG tarapyndan iň derwaýys ýardamlar ujypsyz mukdarda berilýär.
Biz bu mesgendäki az sanly erkek adamlaryň biri bolan Musa Ag Taher bilen hem tanyşdyk. YŞYD urşujylary onuň öýüne hem hüjüm edipdirler. "YŞYD şähere girende men olar gidýänçä özümi gömüp ýatdym, soňra maşgalam bilen bilelikde gaçmak başartdy" diýip ol aýdýar. Pessejik bir çukur gazyp, gizlenmek üçin öz üstüni gum bilen örtendigini gürrüň berýärdi. Hernä dört çagasy bilen gaçyp gitmek oňa başardypdyr.




- **«Wagnere» umyt**

Kidal Fatimadyr Musanyň gaçyp gaýdan etraplaryna garanda howpsuzrak hem bolsa, ýagdaýyň has erbetleşmeginden gorkulýar.
2012-nji ýylda harbylar agdarylyşyk geçirenlerinde gozgalaňçylar we yslamçy urşujylar ýurduň demirgazygynda ygtyýarlygy öz ellerine alyp, sebitde özbaşdak döwleti yglan etdiler. Täze düzülen wagtlaýyn hökümet fransuz goşunlaryny

aşa yslamçylar bilen söweşmek üçin ýurda çagyrdy. 2013-nji ýylda olar gelenden birnäçe aý soňra BMG parahatçylygy goramak üçin Minusma atly halkara güýçlerini iberdi.
Ýurduň harby ýolbaşçylary 2020-nji ýylda häkimiýeti ýene-de öz ellerine aldylar; şondan bäri hem hunta ülkäniň öňki kolonial hökümdäry bolan Fransiýadan uzaklaşdy, fransuz goşunlary bolsa öz ýurduna döndüler.
2021-nji ýylda hökümet howpsuzlyga ýardam etmekleri üçin «Wagneri» ýurda çagyrdy we ýakyn wagtda hakynatutma rus esgerleriniň toparlary harby goldawy üpjün etjek ýeke-täk daşary ýurt güýji bolmaly. Hökümet BMG-niň 12000 esgerden ybarat parahatçylygy goraýjy güýçlerinden gitmeklerini talap etdi; häzir olaryň ýurtdan çykyşy amala aşyrylýar.
Biz BMG-niň noýabr aýynda ýapylmaly bazasyna baryp gördük. Howpsuzlyk maksady bilen girelgäniň töwereginde äpet gum çuwallary ýerleşdirilip, olaryň üstüne hem tikenek simleriň sargylary çekilipdir. Soňra mawy tuwalgaly adamlar we “BMG” nyşanly ak awtoulaglaryň hatarlary göründi.
Derwezäniň öňünde duran garawul rasiýasyndan kimdir birine çykdy we üç adam peýda boldy. Wideo düşürmegimizi bes etmegimizi haýyş edip, olar bu ýerden gitmäge häzirlenýändikleri üçin bize interwýu berip bilmejekdiklerini aýtdylar.
BMG güýçleriniň gitmegi bilen her birisi öz ygtyýarlygyny ýöretmek ugrunda göreşýän YŞYD-iň, Al-Kaida degişli ýerli toparlaryň we ýurtbölüjileriň arasynda häkimiýet boşlugynyň döremek ähtimallygy ýerli toparlary örän ünjä goýýar.
Malide 1000-e ýakyn «Wagner» esgeriniň bardygy çak edilýär; bu san olara ornuny berip gidýän BMG güýjüniň onden birindenem az bolup, olaryň jihatçy toparlar bilen çaknyşykda döwüniň hasam pes geljekdiginden endişe edilýär.
Üstesine-de şu ýylyň başlarynda BMG «Wagneri» mali goşuny bilen bilelikde wagşylyklary amala aşyrmakda günäkärläp, Mopti sebitinde “elhenç jezalandyryp öldürmeler, köpçülikleýin jaýlamalar, gynamalar, zorlamalar we jynsy zalymlyklar” bilen baglanyşykly howsalaly habarlary açyga çykardy. Hususanam, «Wagner» urşujylarynyň gözegçiligi astynda mali esgerleriniň

aglabasy ýaragsyz 500 raýaty nähili öldürendikleri hem mälim boldy. Mali hökümeti haýsydyr bir nädogry hereket edendigini boýun alanok.
Golaýdaky düşelgede biz Kidala ygtyýarlyk edýän tuareg taýpalaryndan bolan ýurtbölüjileriň bir toparyna sataşdyk. Halkara güýçleri giden mahalynda ülkäniň günortasyna ygtyýarlyk edýän mali harby hökümetiniň BMG bazasynyň galak-gaçagyny ele geçirmek üçin synanyşyk edip biljekdigi olary alada goýýardy. Munuň çaknyşyklara ýaňadandan ýol açmagynyň mümkindigini aýdýardylar.
Tuaregleriň ýerli baştutany Bilal Ag Sharif bize "Eger Minusma bu mesgenleri Mali goşunyna tabşyrsa, şondan soňraky boljak zatlar üçin Minusma jogap berer" diýdi.
Öz toparynyň sebite ygtyýarlygyndan göreşsiz el çekmejekdigini açyk nygtap, "Mali hökümeti-de özüne degişli bolmadyk zady talap edýändigi üçin jogap berer, biz bolsa muňa asla-da razy bolmarys" diýip, ol sözüniň üstüni ýetirdi.
BMG-niň tutuş Malidäki 12 sany bazasy howpsuzlygy sazlamak bilen bilelikde ýerlerde 10000-e golaý iş orunlaryny hem üpjün edip otyr. Olar terjimeçileri, sürüjileri, iýmit paýlamak, köçeleri yşyklandyrmak we derwaýys saglyk hyzmatlary üçin işgärleri hakyna tutup işledýärler.
"Olar indi şeýdip bu adamlary işsiz, umytsyz, maşgalalaryny eklemek üçin hiç hili girdeýjisiz goýarlar" diýiň, Serif bize aýtdy. Yslamçy jeňbazlaryň iki arada mundan peýdalanyp biljekdigi ony ünjä goýýardy.
"Bu aşa yslamçy toparlara ýygyn toplamaga amatly pursat bolar" diýýärdi.
Bosgunlaryň mesgeninde biz çalamydar mekdebiň içinde hatar-hatar çök düşüp oturan çagalary görüpdik.
Olar Kurandan aýat okaýarkalar molla çybyk bilen olaryň kellesine urdy.
Ata-eneleri YŞYD tarapyndan öldürilen ol çagalar ulalanda jeňbaz toparlaryň olary girisine salyp, öz hatarlaryna goşjakdygyny eýýämden görmek kyn däldi.




- **Russiýanyň bähbidi**

Emma «Wagner» toparynyň sebitdäki asyl matlaby şübhe oýarman duranok. ABŞ hökümeti ony beýleki afrika ülkelerinde altyn we almaz magdanlaryny işletmekde günäkärläp, onuň “durnuksyzlandyryjy güýçdügini” we ozaly bilen tebigy gorlardan özüne nep gözleýändigini öňe sürdi.

Russiýada uçar heläkçiliginden birnäçe gün öň Ýewgeniý Prigožin özüniň Afrikadadygyny aýdyp wideoda göründi.

BBC wideonun nirede düşürilendigini anyklap bilmedi, emma onda çykyş eden Prigožin öz toparynyň Afrikany has erkin ýagdaýa getirendigini we «Wagneriň» magdan gözlemek bilen birlikde aşa yslamçy jeňbazlar hem-de beýleki jenaýatçylar bilen göreş alyp barýandygyny aýdýardy.

Kidaldan uzak bolmadyk bir ýerde biz Maliniň köpsanly altyn işläp çykarylýan zawodlarynyň birine baryp gördük. Bu kiçijik kärhanada agyr maşynlar az ulanylyp, metaly eleme we eretme işleriniň köpüsi el güýji bilen ýerine ýetirilýärdi.

Emma ýurt boýunça şuňa meňzeş kärhanalaryň ýüzlerçesiniň kömegi bilen Mali döwleti ýylda 60 tonnadan gowrak altyn öndürmegiň hötdesinden gelýär, şeýlelikde ol Afrikanyň bu gymmatbaha metaly iň köp eksport ediji bäş döwletiniň biri bolup durýar.

Tuareg toparlary «Wagner» esgerleriniň ýerli altyn senagatyna we şunuň ýaly zawodlara ygtyýary ele geçirmäge synanyşmagyndan ynjalyksyzlanýarlar. Eger-de beýtseler kan döküljegini Şerif

duýduryar.




- **Sebite abanýan howp**

Soňky ýylda Malide, Nigerde we Burkina Fasoda jihatçy toparlaryň salýan howpunyň artandygyny BGM duýdurdy.

Bu ýurtlaryň üçüsinde hem harby agdarylyşyklaryň bolup geçmegi bilen 2022-nji ýylda Burkina Fasoda we şu ýylyň iýulynda Nigerde raýat hökümetleri häkimiýetden çetleşdirildi.

Indi «Wagneriň» geljeginiň nähili boljagy näbelli bolansoň, Maliniň howpsuzlyk babatda bu topara nähili bil baglap biljekdigi-de ikuçly bolup dur. Üstesine-de, ülkäniň içindäki ýagdaý hasam erbetleşse, munuň özi sebit möçberinde mundanam beter durnuksyzlyga getirip biler.

Feras KILANI,
BBC Arapça, Mali. Publisistika